# Salam haty deregine

Category: Goşgular,Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Salam haty deregine SALAM HATY DEREGINE

*Dostum, medisina ylymlarynyň doktory Nyýazmyrat Bekmyradowyň ýaşlyk döwrümizde haýyşy we onuň sözleri boýunça düzülen goşgy*

Göremden oda saldyň,
Akyl, huşumy aldyň.
Däliredip, sen, läläm,
Däli halyma güldüň.

Sen bir jady, eý aman,
Jadyladyň-la, arman.
Günde seni görmesem,
Bu dünýäm bolýar weýran.

Gözleň maňa baksady,
Kalbyň syryn döksedi.
Yşkym duýan ýüregiň,
Eresedi, aksady.

Şonda men şat bolardym,
Asmana taý gelerdim.
Hassa halymda görsem,
Gutulardym, galardym.

Eý, meniň günüm, aýym.
Käkiligim, humaýym.
Menä bir lukman oglan,
Sendedir oý-hyýalym.

1988 ý. Goşgular